# Ömür we ölüm hakda azajyk pessimistik oýlanma

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ömür we ölüm hakda azajyk pessimistik oýlanma ÖMÜR WE ÖLÜM HAKDA AZAJYK PESSIMISTIK OÝLANMA



*Almodowaryñ ölüme razy bolmak hakdaky «Gapdaldaky otag» çeper filmi we «T24»-iñ habary hakda*

Ölüm ýaşaýşyñ we ömrüñ iñ uly syry ýaly bolup görünýär. Bu sözüm ýerine düşmedi öýdýän. Hiç bir ýagdaýda «görünýän» zat däl-ä ol…

Üstesine «ömür» we «ölüm» – biri beýlekisiniñ içine sygyp biljek iki düşünje däl ýaly, gaty gitse elipbiý tertibinde biri-biriniñ yzynda durup bilerler.

Aý garaz, bilemzok-da, bilmezlikdenem beter ynanmansoñ, gerdejigi doly ýuwdup goýberýäs.

Elimizde diñe bilesigelijilik galýar.

Şol bilesigelijilik bilen birgiden zat okadym, tomaşa etdim.

Iñ köp ýadymda galanam Artur Şopengauer diýen alyjenap boldy. Olam diýseñ pessimist.

Pessimistlige tankydy göz bilen garaýan ýaly bolup görünsem-de, aslynda realizmdir pähim-paýhas bilen baglanyşygy taýdan oña gizlin ilteşigimiñ bardygyny boýnuma alaýyn.

* * *

Öññin Pedro Almodowaryñ ölüme razy bolmak we oña taýynlanmak temasynda düşürilen soñky kinofilmi «Gapdaldaky otagyna» tomaşa etdim.

Žulianna Mur we Tilda Swinton ýaly ýyldyzlaryñ ussatlyk oýnaýan, ussatlarça düşürilen epizodlardan doly çeper film.

Elbetde, ömür we ölüm boýunça jogapsyz goýlan sorag kän, ýöne şonda-da ýatda galjak epizodlary bilen wagt ýitirip göreniñe degýär.

Syrkawlygy bilen ýakyn wagtda ölümi gutulgysyz eden aýal we birnäçe ýyllap görmese-de, ýakyn jorasy bolup galan başga bir aýal, tebigat bilen eriş-argaç bolan ajaýyp öýde birnäçe gününi geçirende geçmişi, şu güni we çözüp bilmedik käbir meseleleri hakda gürrüñ edýärler.



*«Gapdaldaky otag» kinofilminden*

Ýakyn adamyňyzyň ölüm ýassygynda ýatandygyny bileniňizde näme edersiňiz? Ýa-da az wagtdan soň öljegini bilseňiz?

Ömrüň manysyny onuň iň soňky pursatynda bolsaňyz-da, çözmäge synanyşarsyňyzmy?

Gündelik durmuşyňyzyň uly bölegini tutýan hysyrdyly işler, pul gazanma aladalary, ego söweşleri, söz bilen beýan edip bolmaýan sözler we ýüze çykaryp bolmaýan duýgular taýdan täze karara gelip bilersiňizmi?

Ýa-da galan wagtyňyzy diňe özüňize gynanyp we aglap geçirersiňizmi?

* * *

«Apple» kompaniýasynyň düýbüni tutujy direkgory Stiw Jobsyň ölmezden öň aýdan soňky sözlerini azajyk gysgaldyp dykgatyňyza ýetireýin: ***«Biznes dünýäsiniň çürbaşyna çykdym. Başga adamlaryň gözünde meniň durmuşym üstünlige ýetmegiň hakyky mysaly. Edil häzir ölüm ýassygynda ýatyrkam ýaşan ömrümi gözden geçirýän welin, buýsanýan ähli baýlygymyň we şan-***

***şöhratymyň ölümiň garşysynda jinnek ýaly manysynyň ýokdugyna düşünýärin.***
***Iň wajyp zatlar – belkäm dostana gatnaşyklar, belkäm sungat we döredijilik, belkäm-de ýaşlyk ýyllarymyzda eden arzuw-umytlarymyz… Hakyky baýlykdan, söýgüden doly ýatlamalarymyz…***
***Maşgalaňyzyň, ýanýoldaşyňyzyň, dogan-garyndaşlaryňyzyň we dostlaryňyzyň söýgüsini ezizläň. Özüňize gowy serediň, özüňizi sylaň. Başga adamlara mähir-şepagatly boluň!»***

* * *

Şular ýaly baý adamyň ömrüniň soňunda söýginiň we dostlugyň gymmatyna göz ýetirmegi diýseň oýlandyryjy.
Ýazgymy şeýdip gutarsam gowy bolardy. Ýöne edil şumat gowy ýazgy ýazmagyň pikirini edemok, gaýtam okyjylarymy azajyk biynjalyk edesim gelýär.
Düýn irden «T24»-i açanymda sözbaşylaryň başynda gorkunç fotosurata we habara gözüm düşdi: «Ýürek gyýýjy kartina: Türkiýede kömege mätäç garyp çagalaryň sany 10 milliona ýetdi».



Ýazgymyň başynda adyny agzan alyjenabym Şopengaueriň belkäm azajyk akyl satýan ýaly bolup görünse-de, dogry aýdan sözüni

ýatlasym geldi:
***«Adamlaryñ köpüsiniñ ömri şeýlebir hary-zelil, hor-homsy, şeýle bir ähmiýetsiz welin, ölenlerinde haýsydyr bir zat ýitirendikleri aýdylmaýar».***
Ony garyplary ähmiýet bermezlikde aýyplamaga synanyşmañ-da, şu gysgajym ömürde şol naşyja çagalaryñ paýyna düşen eleşan eşiklere, aýakgaplara (has dogrusy aýakgapsyzlyga), ýyrtyklara we ýamalara oñ bolmanda birküç sekunt serediñ!
Hakan AKSAÝ.

@AksayHakan
aksayhakan@gmail.com

«T24» internet gazeti, 16.11.2024 ý. Oýlanmalar